# IŞ GÖZLEÝÄN ÜÇIN GOLLANMA
## (Iş gözleýänler üçin IŞ ÜPJÜNÇILIK PORTALYNY ulanmagyň düzgüni)

## I. IŞ ÜPJÜNÇILIK PORTALYNDA bellige alynmak

1.1. Internet ulgamynda şu salgy boýunça sahypany açyň. http://mlsp.gov.tm/tm/home




1.2. PORTALY ULANYJYLARYŇ YLALAŞYGY salgylanma basyň.



1.3. YLALAŞYGYŇ mazmuny bilen tanşyň.




1.4. Ylalaşygyň şertleri bilen razylaşýan bolsaňyz, "Ylalaşýaryn" düwmesini basyň (eger-de razylaşmaýan bolsaňyz, saýtdan çykyň).




1.5. "Iş gözleýäni bellige almak" düwmesini basyň.



1.6. Şahsy e-mail bukjaňyzy ýazyň, açarsöz törediň we giriziň, soňra “Registrasiýa” düwmesini basyň.




Öz islegiňize görä, açarsözüňizi şahsy kompýuteriňiziň ýadynda saklap bilersiňiz. (eger-de brauzer ýatda saklamagy teklip etse)




Saýt şu görnüşdäki habary görkezer:




1.7. Şahsy elektron bukjaňyzy (e-mail) barlaň, gelen haty açyň.




1.8. "Confirm" salgylanma basyň.



1.9. Siz IŞ ÜPJÜNÇILIK PORTALYNYŇ “Autentifikasiýa” sahypasyna ýollanarsyňyz. Bu ýerde Siz portala girip bilersiňiz (e-mail we açarsözi girizip, “Girmek” düwmesini basmaly)




## II. IŞ GÖZLEÝÄNIŇ KARTOÇKASYNY DOLDURMAK

2.1. Bellige alyşdan soň, Portalda “Iş gözleýäniň otagy” goşmaça sahypa peýda bolar. “Meniň şahsy kartymy we maglumatymy görkez” düwmesini basyň.




Bellik: mundan beýläk bellige alnan iş gözleýän dalaşgär “Şahsy otagyna” girýär we ondan çykmak üçin ekranyň sag tarap ýokarky burçunda adam şekilindäki surata basýar.




2.2. "Iş gözleýäniň maglumatyny gözden geçirmek" penjirede "Rezýumä goşmaly" düwmesini basyň.

## III. REZÝUME ÝERLEŞDIRMEK

3.1. "Rezýumä goşmaly" penjiresinde ähli öýjükleri doldurmaly. Eger-de siziň maglumatyňyzy iş berijileriň görmegini isleseňiz, onda “Çap edilen” öýjügiň deňinde “bellik” alamatyny goýuň. Maglumatlary ýatda saklamak üçin “Goramak” düwmesini basyň.




Siz özüňize degişli bolan maglumatlaryňyzy (rezýumeňizi) redaktirläp ýa-da aýryp bilersiňiz.

## IV. GEREKLI IŞ TAPMAK

4.1. Siz Portalda hödürlenýän boş iş orunlary baradaky maglumatlaryny görüp bilersiňiz. Bellige alnan iş gözleýän dalaşgärler boş iş orunlarynyň ähli ugurlary boýunça maglumatlaryny, şol sanda iş beriji bilen habarlaşmak üçin salgylaryny hem görmek mümkinçiligine eýedirler. Sizde boş iş orny barada gyzyklanma döreden iş beriji bilen jaňlaşyp bilersiňiz.

4.2. Portal iş gözlemek bilen meşgullanmaýar hem-de Siziň iş berijiler bilen özara gatnaşyklaryňyzda araçy bolup çykyş etmeýär.

================================================================================================

Portaldan peýdalanan wagtyňyz hökmany suratda “Portaly ulanyjylaryň Ylalaşygyny” berjaý ediň. Ylalaşygyň şertleri berjaý edilmedik ýagdaýynda siziň şahsy hasap ýazgyňyz blokirlener.

Eger-de Portalyň hyzmatlaryndan peýdalanmak zerurlygy aradan aýrylsa, “Çap edilen” öýjüginiň deňinde “bellik” alamatyny aýyrmagy ýa-da şahsy hasap ýazgyňyzy aýyrmagy unutmaň.

================================================================================================

Üstünlik hemraňyz bolsun!